# Gurt Ýakup

Category: Aýdym-saz sungaty,Goşgular,Kitapcy,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gurt Ýakup GURT ÝAKUP



*(Beýik ömürden parçalar)*

Gurt Ýakup üýtgeşik mekdep goýanlaryň biri. Ol beýik Magtymgulynyň çap edilen, ýa çap edilmedik, ähli şygyrlaryny ýatdan bilen ýeke-täk bagşydy. Onuň çalan, döreden sazlary, aýdan aýdymlary, kyssalary, dessanlary halkyň ruhuny täzeleýär, paýhas berýär. Diňledigiňçe bu durmuşa teşneligiň artýar, adamlara hormatyň möwjeýär. ”Gurt Ýakubyň derwüş owazyndan gadymyýýeti görýän” diýip, beýik Nury Halmämmet aýdypdy.
Ýazyjy Oraz Ýagmyr, ynha, şeýle meşhur bagşynyň hesretli, gadyrsyz geçen ömri hakda Sizi söhbete çagyrýar.

* * *

Gurt Ýakuby ýene raýkomyň haýbatly jaýyna çagyrdylar. Uzyn boýly, agyr ýüzli, agzy ullakan, ýaşajyk býurokrat kabinete giren bagşa zordan salam berdi.
– Ýaşuly, sen biziň aýdanymyzy etjek däl-ow.
– Inijigim! Sen bir maňa ýakyn bol ahyry. Türkmen diýeniň aýdym-sazsyz oňjak millet däl. «Pylan dessany aýdyp ber» diýseler nädeýin?!
– Bilemok diý.
– Bilýän zadymy nädip bilemok diýeýin?!
– Seň bilen ýaňkalaşyp oturmaga wagtym ýok. Indi dini aýdymlar aýtdygyň – gözüňi gözenegiň aňyrsynda açdyryn.
Egnine düşen çal goňagy kakmagy bilmeýän oglanyň galstugyny tiz-tiz düzedişdirip, sesine hemle berişini synlap, Gurt Ýakup onuň arkasynda kimleriň duranyny ýatlady. Ýatlady-da gamgyn ýylgyrdy.
– Inijigim! Gahar etmäweri. Gözenegiň aňyrsyna geçireniňizde dutarly geçirýäňizmi?!

* * *

Gurt Ýakuby tanaýanlaryň ählisi onuň gaýmak ýaly mylaýym, ýumşak adamlygyny tekrarlaýarlar. Ol iliň göwni diýip ýortar ýörer eken. Birem hiç kime baýlygy, pukaralygy üçin artykmaç sarpa goýjak bolup azara galmandyr. Onuň ýanynda ähli kişi bir deňlikde, Hudanyň bendesi hökmünde.Obalaryň birinde diňe

aýlygyna ýaşap ýören biri toýuna Gurt Ýakuby çagyrypdyr. Bagşy razylyk beripdir. Şol obadan ýene biri şol gün toý edermen bolupdyr, ýöne ol haram baýlygy howlusyna sygmaýanlardan ekeni. Olam Gurt Ýakuby çagyrmakçy bolýar, emma bagşy öň şol obada birine söz berenini ýatlaýar. Onsoň ýaňky adam baýlygyny mazamlap başlapdyr weli, bagşy onuň sözüni bölüp: «Inim, Isgenderiň soňky sargydyny eşitmänsiň-ow» diýipdir. Ynha, şol rowaýat: Dünýäniň ýarysyny alan Isgender soňky deminde ýatyrka, şeýle sargyt edipdir: «Men ölemde gollarymy tabytdan sallap, açyp goýuň. O dünýä hiç zat äkidip bolmaýanyny, goý, halaýyk görsün» diýipdir.

Onsoň toý güni Gurt Ýakup ilkinji çagyranyňka ir gözinden gelip, aýdym aýdyp başlapdyr weli, pukara toýam bolsa, obanyň aglaba ilaty şu toýa gelipdir. Görşüňiz ýaly, Türkmen bagşysy hökmirowan puldan elmydama belentde durupdyr.

Gurt Ýakup türkmen bagşylarynyň asyrma-asyr mizemän gelýän kanunlaryny, däplerini örän çuňdan bilýärdi hem-de gaty pugta berjaý edýärdi. Neneňsi aýdymlar öwrenmeli, ne heňde, haçan, nirede, näçe wagt aýtmaly? Öýüňe myhman bolup, il içinde gezip ýörseň görýän-eşidýän zadyň kän. Olaryň haýsysyny ile aýdyp, haýsysyny ömrylla unutmaly? Bagşynyň barýan gapysy kän, emma şonda-da haýsy gapyny açýanyňy bilmeli. Bagşy bilen gatnaşasy gelýän, dost ýüreginden tör berjekler kän – kimi golaýyňa goýbermeli? Ahyrda, öz sungatyňy kime öwretmeli? Iň esasysy hem sen çäksiz hezzet-hormaty götermegi başarýarmyň? Sebäbi Türkmen halky şaha, şahyra hem hormat goýmagy başarýar weli, onuň bagşa hormat goýşuny özüň türkmen bolaýmasaň, doly duýmak mümkin däl. «Türkmen bala-çagasyna iýdirmedik tagamyny bagşysyna iýdiresi gelýär» diýip, Gurt Ýakup aýdypdy. Onsoň bagşynyň arkasyna näçeräk hormat ýüklenýänini göz öňüne getiriberiň. «Mesligi gara goýun, gara goýnuňam garrysy göterermiş» diýip halk ýönelige aýdanok. Şu sowallaryň we şuňa kybapdaş ýüz müň sowalyň dogry jogabyny tapan, ony dürs berjaý eden bagşy uzaga gidýär. Beýik Babagammar bilen Aşyk Aýdyň pir diňe şeýle bagşylara ylham piýalasyny uzadýar. Gurt Ýakup bagşylaryň ýazylmadyk kanunlaryna, däplerine ilkinji ädimden tä soňky demine çenli wepaly boldy.

Bagşynyň iň uly baýlygy — sesi diýýärler. Tebigat Gurt bagşa juda ägirt baýlyk eçilipdir. Beýle sesli bagşy ondan öň boldumyka? Onuň sesinde jemlenen duýgulary hem-de sesiniň döredýän duýgularyny ahyryna çenli açyp biljek kişi barmyka? Onuň sesi Alla diýip, Adam diýip oba-oba aýlanan gadymy galandar-abdallary, gije ýatman nalyş okan päk göwün derwüşleri ýatlatmaýarmy?! Onuň sesi seniň göwnüňe iň ýakyn melhemçiniň sesi dälmidir?! Şeýle sesiň bolar-de sen neneňsi aýdym aýdaryn öýdýäň?!
— Senem iller ýaly «Tarla traktorymy», «Ös, mekgejöwenimi» aýt. Şonda senem dynç borsuň, biziňem gulagymyz dynar — Ýaşajyk býurokratyň şeýle talaby bar.
— Wah, inijigim, men o aýdymlary aýdyp bilmesem näme etmeli?!
— Goýsana, ýaşuly. O aýdymlary ýolda oýnap ýören çagajyklaram aýdýa.
— Şuny dogry aýtdyň, o aýdymlar çagajyklaryňky.
Gurt Ýakubyň garşysynda duran çig beýni neneňsi bagşy bilen iş salyşýanyny seljererden ejiz. Ol kimi ur diýseler, gözüni ýumup şoňa topulýar.
Gurt Ýakup bolsa urlanda-da aýdym aýtdy. Aglanda-da, gülende-de aýdym aýtdy. Durmuşyň düýp aslyna akyl ýetirjek bolup kelle döwende-de aýdym aýtdy. Aýdym-saz onuň üçin lezzet, ýöne oýlandyrýan, sähel gamlandyrýan, ýüregiňi ýumşadýan lezzet. Hi, gamlanmaýandanam, gama batyp bilmeýändenem adam bormy?! Gam seniň gedem başyňy egýär, gazaply diliňi süýjedýär, töwerekden özüňe hemra-dost gözledýär. Iň güýçli ýeri hem: seniň bu dünýä myhmanlygyňy ýatladýar. Myhman bolup gelen ýeriňe ýamanlyk etjekmi?
Göz gorkak, el batyr, dil ýüwrük diýipdirler. Ana, gam seniň eliňden tutýar. Ejize degme diýýär. Gam seniň diliňi düwýär. Ajy söz aýtma diýýär.
Elbetde, adama merdem gam gerek, adamy beýgeldiji, haýyr işlere iteriji gam gerek. «Sen myhmansyň, gyssanaweri, ýagşylyk edip ýetişjek bolaweri!» diýip, böwrüňe sanjyp duran gam derkar.
Gurt Ýakubyň owazynda, aýdymlarynda, çalan sazlarynda hut şeýle gam bar. Bagşynyň ählimizi kökenlän ýüpi hem şo gamdan

işilen bolsa gerek. Şeýle bolansoň Gurt bagşy, ozaly bilen, beýik Magtymgula ýüzlendi. Özem şahyryň arap harpyndaky kitaplaryny okady. Gündizlerine edil aýna bakan ýaly kitapdan ýüzüni aýyrmady, ýatanda ýassygy Magtymgulynyň kitaby boldy. Gurt bagşy arap, pars dilinden, çagataýçadan habarly bolansoň, onuň Magtymgulynyň şygyrlaryna düşünişi üýtgeşikdi. Magtymgulynyň eserleriniň aňyrsynda ýaňlanýan owazy sogrup almagy Gurt Ýakup başardy. Şoňa görä, bu dünýäde aýdym aýdyp geçen bagşylaryň arasynda Magtymgulydan iň köp aýdym aýdan Gurt Ýakupdyr. Öňünden bir zat diýmek kyn weli, ýöne Magtymgulydan aýdym aýtmak meselesinde Gurt Ýakupdan öňe geçjek bagşy indi döremese gerek. Mary şäherinden lukman Myraly Ata ogly şu babatda bir wakany ýatlady: «Bir toýda Gurt bagşy Magtymgulydan aýdym aýdyp, aralygynda derini sylanda diňleýjileriň biri:

— Gurt akga, Magtymgulydan näçeräk aýdym bilýäňiz? — diýip sorady.

— Bilmedim inijigim. Şony özümem bilesim gelýär. Hany, Magtymgulynyň kitabyny getiriň, bakaly.

Magtymgulynyň 1983-nji ýylda çykan iki tomlugyny alyp geldiler.

— Hany, inijigim, sahypalary bir ýandan agdaryp başla. Goşgynyň adyny okasaň bolar — diýip, Gurt bagşy dutaryň gulaklaryny çekişdirdi. Onsoň bir goşgynyň adyny okanyna mähetdel bagşy o goşgynyň bentlerini aýdym edip aýdyp başlaýar weli, halaýyk indikä geçiber diýip ygtyýar berýär. O aýdymlaryň arasynda Gurt bagşynyň özi düzen, özi tapan heňleri hem az däldi. Şeýdip, iki kitap tamam boldy weli, Gurt bagşy: «Munda Magtymgulynyň ähli goşgysy ýok. Şu kitapdanam yzarlalyň» diýip, köne ýazuwly bir kitaby sumkasyndan çykardy. Ony hem heňe salyp aýdyp çykdy. Beýle ýatkeşligi, saz döretmäge ukyby bir kellede jemlän bagşy indi bu dünýäde gaýtalanmasa gerek».

Dogrudanam, Magtymgulynyň ruhuna Gurt Ýakubyň ruhy birleşipdir. Magtymgulynyň otlukly sözleri Gurt bagşynyň dilinde täze öwüşgin tapdy, naýza öwürlip şu durmuşy bulaýjylara, nadanlara-namartlara, içindäki ýelden ýaňa çişip

ýören wezipeparazlara, dilinde bir zat diýýän, işinde başga zat edýän iki dillilere, özüni gara pula satýan parahorlara we şuňa meňzeş beýleki nogsanlara garşy göreşdi. Şeýtmek bilen bu durmuşyň hümmetini artdyrmaga onuň goşandy ummasyzdyr. Muny hiç bir gural ölçäp bilmez, diňe ynsan duýar, diňe ynsan onuň gadyryny biler.

Gurt bagşy durmuşa örän içgin düşünýärdi. Ol resmi syýasatyň halky dinden daşlaşdyrmak bilen, onuň ruhuny neneňsi öçürýändigini, radioda, telewizorda hakykat hakda, durmuşyň gülala güllügi hakda tükezybanyň ýalanlygyna, oňa derek buz astyndan gara derýanyň akyp ýatanlygyna ikuçsyz göz ýetirýärdi. Ol müňlerçe adamlaryň bu galplyga ynanyp, aslyny unudyşlaryny, öz gadymy geçmişine dil ýetirişlerini, başga-başgalara meňzejek bolup azara galyşlaryny, aldygyna arak jyňkydyşlaryny göwni gyýym-gyýym bolup synlardy. Türkmenleriň ümzüginiň ters tarapa öwrülişine geň galýardy: öňler türkmeniň abraýy, umumy bähbidi diýip çapylýardy. Indi birhili parhsyzlyk döräpdir, gara nebis öňe geçipdir. «Gözüm görmese, syrtymy böri iýsin» diýýän adamy hakyky adam hasaplap bolarmyka?!

Gurt Ýakup türkmeniň geçmişini ýagşy bilensoň, gelejegi barada köp oýa batýardy, howsalaly pikirler oňa ynjalyk bermeýärdi. Bu pikirler oňa nireden gonýardy? Ozaly bilen, beýik Magtymgulynyň eserlerini ürç edip okan adamda şeýle pikirler döräýmelidi. Üstesine-de, durmuş seniň görmejek zadyňy görkezip, eşitmejek zadyňy gulagyňa guýup dursa nädersiň?!

Arly-namysly türkmen maşgalasy nire – nikasyz çaga dogrup, köçä taşlamak nire?! Duldegşir goňşyň ýorganynyň arasynda dykyp goýanja puljagazyny çilmek – hi öň görlüp-eşdilen zatmydy? Häzirki döwürde edilýän jenaýatlar agzalsa, depe saçyň hüjjeriberýär.

Türkmen durmuşyna bu zatlar nirelerden aralaşyp ýör? Haýsy şeýtan bu zatlary et diýip böwre dürtýär? Sebäpkär – gunäkär kim?

Muny gytçylygyň öwredýän hadysasy diýip düşündirjek bolýanlar bar. Muňa hä diýip bolmaz. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda müň esse agyr gytçylykdy ahyry. Emma şunça jenaýat

edilmeýärdi. Hatda o döwürler türkmen öýüne gulp urlanyny gözläp tapaýmasaň, köpler gulpuň nämeligini hem bilmeýärdiler.
Kanunlar köneldi, düzgünler gowşady, şoňa laýyklykda adamlaram üýtgäp ugrady. Beýleki köp-köp ýurtlaryň ogrulary Sowet Soýuzynyň ogrularyny görende agzy açylyp galýarmyş. Gündogar ýurtlarynyň köpüsinde, ilaty bir milliarddan geçýän beýik Hytaýda ogurlygyň gaty seýrekligi hakda gürrüň berýärler. Munuň ilkinji sebäbi – kanunlaryň zabunlygy hem-de örän pugta berjaý edilýänligi. Ogrulyk eden zenanlaryň saçyny päki bilen syrmak hem ýeňil jezalaryň hatarynda görülýär. Hany, şondan soň eliň kişi malyna uzasyn-da!
Kiçijik Singapurda eger çilim çekmeli däl ýerde çilim çekseň, ýa galyndysyny ýörite gaba taşlamasaň, ýüz dollar jerime salýarlar. Şoňa görä Singapur dünýädäki iň arassa ýurt hasaplanýar. Muny görenimde öz gözlerime-de ynanmajak boldum.
Gurt Ýakup örän ýüwrük fantaziýasyna daýanyp, bu zatlary oturan ýerinde görüp-bilip otyrdy. Bildigiçe, gördügiçe ýüregini gan öýýärdi, bagryndan ýylan dişleýärdi. Birmahalky ýaşajyk býurokrat hem onuň yzyndan galanok. Indi ol ýönekeý işgär däl-de, bir basgançak ýokarda oturan kişi. Öz adynyň «Pylany» diýlip tutulmagyny islänok. Hökman Pylany Pylanyýewiç diýilmegini isleýär. Gurt Ýakup üçin bolsa onuň parhy ýok. «Ata-babamyz Pylanyýewiç diýip geçmändir» diýdi. «Size medeniýet öwredip boljak däl-ow» diýip býurokrat torsaryldy. Hamana, bir-birege Pylany Pylanyýewiç diýip ýüzlendigiň medeniýetiň aňrybaşy bolýarmyş.
Gurt Ýakup her gezek bu wakalary başdan geçirende, soňra ýatlanda, onuň başyna gam dumany çökýärdi. Gijeler ukusy gaçýardy. Dünýä bilen hoşy bolmaýardy. Onsoň ýeke özi birýana baş alyp gidesi gelýärdi.
Nirä gitjek, diýsene, biçäre, Gurt bagşy?!
Onuň uzak gidýän ýeri – Murgabyň gamyşly, toraňňyly kenary. Sessiz akyp ýatan derýa, gamyşlaryň ygşyldysy, toraňňylaryň çal ýapraklarynyň şapyrdysy bagşynyň kalbyna ynjalyk bermese, özge ýerden kanagat tapmak kyn. Kä gijeler ol öz pikir-duýgularyna şeýle bir gümra bolup, daň atanyny hem duýman galýardy. «Maňa ne sebäpden käýeýärler? Dini aýdymlar aýdýanym

üçinmi? Beýdibem, dini gadagan edip bolarmy? Magtymgulynyň iki goşgusynyň birinde dini öwüşgin bar ahyry. Onsoň Magtymguly o goşgulary akmak bolup ýazandyr diýjekmikäler? Ýo-ok, bujagaz pyrryldaklar uzak gutmez. Hernäçe gamçylabersinler, bir Gurdy ýykanyň bilen böwet basyp bilmersiň. «Türkmende gurt kändir. Bu halkyň atasy ene gurdy emen diýýärler. O zatlar ýitip gidiberesi ýok». Onsoň Gurt bagşy öz deň-duş bagşylarynyň at gazanan artist, halk artisti, halk bagşysy ýaly atlary alyp, dürli orden-medallary dakynyşyp ýörüşlerini ýatlady. Elbetde, olara çigidiň gadary ýaly-da göripçiligi ýok. Emma at almakdan geçen, özüniň ýerli häkimiýetler tarapyndan ýanalyp ýörüşine akyl ýetirip bilmedi. Ýöne halk welin, onuň aýdymlaryna ölemen teşne. Gurt bagşy bir toýda aýdym aýtdygy, ertiri o aýdymlary magnitofon kassetasyndan göçürip dünýä ýaýradýarlar. Özüni diňläbilmän, kasseta arkaly lezzet alyp ýören halaýyk Gurt Ýakubyň özüni görende Hydyr atany gören ýaly begenýärdiler. Onuň halk içindäki sarpasyny, Gurt Ýakuba goýulýan hormaty hiç zat bilen deňäp bolar ýaly däl. Ana, şol sarpa, şo hormat hem bagşynyň iň uly medetkäri boldy. «Alla dert berende dermanyny ýany bilen berermiş» diýip Gurt Ýakup öz göwnüne teselli berýärdi. Şeýle gijelerden soň ol öňküdenem ýumşak, mylaýym hem göwüntapyjy bolýardy. Ürç edip täze goşgulary, dessanlary, kyssalary, hekaýat-rowaýatlary öwrenýärdi. Onuň almaz ýaly ýiti zehini okaýan zadyny tutuşlygyna ýat tutmaga mümkinçilik berýän ekeni. Bir gezek ol bir ýaşuluda «Ýusup-Ahmet» dessanynyň köne nusgasyny görüpdir-de o dessany ýat tutmak üçin kyrk günlük sorapdyr. «Kyrk günlük?» diýip, kitap eýesi geňirgenipdir. Gurt Ýakup bolsa kitaby uzak möhletlik soraýandyryn öýdüp müýnürgäp: «Onda otuz bäş günlük beräýiň» diýipdir. Kitap eýesi otuz bäş gün diýlende Gurt bagşynyň bosagasyndan ätläpdir. Ol uly dessany sanalgyja günde ýat tutup boljagyna hiç ynanmandyr. Gurt bagşy kitaby myhmanyň öňüne oklapdyr-da höwes bilen «Ýusup-Ahmedi» aýdyp beripdir weli, begenjinden ýaňa myhmanyň ýüregi ýarylara gelipdir.

– Älhepus, älhepus! Seniň egniňdäki adamyň kellesimikä beri? – diýip, Gurt Ýakubyň päki bilen syrylyp, elmydama ýylmanyp duran kellesini elläp görüpdir.

O kelle däldi-de, kelle görnüşli türkmen hazynasydy. Gaýtalanmadyk, gaýtalanmajak hazynaly türkmen kellesidi. Gurt bagşy aýdym arasynda aýasy bilen o kelläni sypap goýbererdi. Bagşynyň özi hem öz kellesiniň oýnuna, agramyna haýranlar galýardy. Sebäbi ömriboýy egninde göterip gezse-de onuň içindäki hazynanyň möçberini göz öňüne getirip bilmeýärdi. Şoňa görä Gurt Ýakupdan: «Näçe aýdym bilýäňiz, näçe dessan bilýäňiz?» diýip soralanda, hiç mahal anyk jogap berip bilmezdi.

Türkmengalaly muşdak Annageldi Baýmyrat ogly Gurt Ýakubyň aýdýan aýdym-sazlary, dessanlary hakda uzak gyzyklanypdyr. Bagşynyň tirme aýdymlarynyň mukdaryny kesgitläp bilmese-de ol şu aşakdaky dessanlary, rowaýatlary, kyssalary Gurt Ýakubyň aýdanlygyna güwä geçýär:

1. Şanama
2. Babaröwşen
3. Ýusup-Ahmet
4. Zeýnelarap
5. Ymam Hüseýin
6. Hatam Taý
7. Ybraýym Edhem
8. Sagdy-Bakgas
9. Oguznama
10. Risalaýy Nesimi
11. Hezare sowal Melike Danyşmend
12. Leýli-Mežnun
13. Ýusup-Züleýha
14. Kyssaýy Fyrgun
15. Şejereýi Terakime
16. Gülpam
17. Myraly we Soltan Söýün
18. Kasasyl Enbiýa
19. Asly-Kerem
20. Uzuklar
21. Meşrep diwana
22. Isgendernama

23. Kyrk hadys
24. Taryhy Enbiýa
25. Taryhy mülük-i Ažam
26. Taryhy halyfat
27. Kyssa Ymam Islim
28. Zarkum
29. Wagzy Azad
30. Wagzyl Jöhit
31. Itli jöhit
32. Makatyl
33. Nejep oglan
34. Sir Şerif
35. Kasym oglan
36. Zöhre-Tahyr
37. Wamyk-Uzra
38. Döwletýar
39. Melike-Mährinigär
40. Melike-Dilaram
41. Diwani lugat et-türk
42. Röwzet es-safa
43. Gyýas el-lugat
44. Seýpelmelek-Methaljemal
45. Şirin-Perhat
46. Guşlar dili
47. Pentnama
48. Baharystan
49. Behiştnama
50. Şabährem
51. Gül-Senuber
52. Warka-Gülşa
53. Wepaýy
54. Kowusnama
55. Hoja Ahmet Ýasawynyň hikmetleri
56. Jamynyň eserlerinden
57. Nowaýynyň şygyrlaryndan
58. Ferdöwsiden
59. Mollanepesden

60. Magtymgulynyň eserleri tutuşlygyna.

Görşüňiz ýaly, şu eserleri aýdym edip, kyssa hökmünde gürrüň bermek hupbatyny bir gyrada goýup, şeýle köp zatlary diňe ýatdan bilýänligi üçinem Gurt Ýakuba uly ýadygärlik bina ediläýmelidi. Emma elinje ýazylyp, eline berlen üç kagyzy hem iliň içinde okajak bolanda büdreýän körzehinler oňa ýol öwretjek boldular. Gurt Ýakup baş bermänsoň, onuň agasy Begli Ýakuba igenip ugradylar. Olam aýdym-sazdan gowy baş çykarýan adamdy. Eger partiýa işi, metbugat işi diýip ýol urdurmadyk bolsa, olam üýtgeşik bagşy bolup ýetişmelidi. Begli Ýakup bilen tirkeşen adamlar Magtymgulynyň eserlerine onuň örän çuň düşünişini, goşgularyny ýatdan aýdyşyny ýatlaýarlar. «Sagylmadyk sygyr süýtden çykar» diýlişi ýaly, bagşyçylygam başbitin ugruna ýykylmasaň, baş berýän sungat däl. Şoňa görä, bagşylyk ylhamy Begli Ýakupdan daşlaşdy gitdi. Ýogsa, olaryň atasy Ýakup aga bagşydy ahyry. «Ejem pahyryň aýdan läleleri, hüwdüleri» diýip, Gurt bagşynyň sanaýan setirlerinden çen tutsaň, onuň ejesi hem örän dilewar, halk döredijiligini gowy bilýän zenan bolarly.

Gaýrada atlar boşandy-ýa,
Ýoluna güller düşeldi-ýä,
Haýyp, meniň ýaglygym-a,
Balaman ogly guşandy-ýa.

Siz Gurt Ýakubyň merdem owazynda bu heňleri diňlän bolsaňyz, sizi täsirli duýgular gaplap alandyr. Ozaly bilen, «Hany, huwdi aýdyp, bäbek ýatyrýan eneler?» diýip, her kimde geçmişe teşnelik oýanandyr. Türkmeniň näçe asyrlar bäri mizemän gelen türkmençilik kanunlaryny, türkmeni dargap, ýok bolup, özge milletlere siňip gitmekden saklan türkmençiligiň kanunlaryny indi gözümiziň alnynda ýumruşlaryny, özümiziň ýumruşymyzy hesretli ýatlansyňyz. O hüwdüler siziň birmahallar sallançakda ýatan zamanlaryňyzy göz öňüne getirendir, çagalykda gulagyňyz ganan heňleriň gaýtalanmagy sizi bir salymlyk çaga öwürmedimikä?!

Men Gurt Ýakubyň lälelerini, hüwdülerini öwran-öwran diňläp,

olaryň neneňsi şirin duýguly saz bilen keşdelenilişine haýranlar galýan. Gurt bagşy o heňleri şeýle bir ýakyn ýürekden çalýar weli, her bir doň ýüregem bu heňlere erese gerek. Şonda meniň bir pikir kelläme gondy: häzirki zamanda hüwdi aýdylmaýany üçin çagalar şeýle doňbagyr, parhsyz bolup ýetişýän bolmasyn?!
Eger eneler hüwdi aýdýan bolsalar, Gurt Ýakup erkek owazy bilen hüwdi aýtmasa-da aýtmazdy. Bagşy hüwdi aýdylmaýanyna gyýylyp, hüwdüleriň müň bir owazlarynyň ýitip barşyna dözmän, özi aýtmaga mejbur bolýar. «Goý, bir ýere ýazyp goýsunlar, bu gün bolmasa ertir hüwdä dolanarlar, doňup barýan dünýäni hüwdi aýdyp erederler» diýen umydy bardy.

Hüwdi hüwdi hüwlendi-ýä,
Suwda balyk köwlendi-ýä,
Balyk diýip tutanym-a,
Ýylan bolup towlandy-ýa.

Bu setirlerde näçe duýgy, näçe many, näçe pelsepe jemlenenine bagşy örän çuň göz ýetirýärdi. Umuman hem, Gurt Ýakubyň her sözüň kölegesine, agramyna, ornuna, maksadyna düşünişi saza düşünişinden kem däldi, ony söýüşi hem şonçarak bardy. Şoňa görä, märekäniň ortasynda aýdym aýtman, saz çalman, ýönekeý söhbet edip oturanda-da Gurt Ýakup özüne bakdyryp bilýärdi. Sözleri pert-pert aýdyşy, inmeli ýerinde inip, çykmaly ýerinde çykyp bilýän äheňi hem halaýyygyň göwnünden turýardy. Labzy süýji adamdy-da. Dogrusy, ol dutaryň gapagyna ýazgyn aýasyny goýup dymanda-da köp zat aýdybilýärdi. Gözlerini ýumup, «Hm» diýşindenem töwerekdäkiler uly many alýardylar, bagşynyň özi hem gözlerini ýumanda iliň görmeýänini görýän bolarly.
Hut şol inçe görgürligi hem oňa aýdym-saz dünýäsinde öz mekdebini döretmäge mümkinçilik berdi öýdýän. Bu pikiri tassyklamak üçin türkmen aýdym-sazynyň üç sany uly ýolunyň biri bolan salyr-saryk ýolunyň iň bolmanda ýigriminji asyrdaky atly wekilleriniň döredijilik-ylham aýratynlygy, özboluşlylygy hakda aýtmak gerek. Eýýäm ýigriminji ýyllarda bu ýoluň Uly Garly, Kiçi Garly, Oraz Salyr, Girman bagşy, Nobat bagşy,

Öwezdurdy Welmämmet ýaly ägirt bagşylary ýetişipdi. Bularyň ählisi hem mekdep goýan bagşylar. Uly Garlynyň aýdymlary saldamly, ýognas-mylaýym owazly, belende galanda juda belent, sesi burun arkaly az peýdalanýar, köplenç, yşky, durmuşy aýdymlar agdyklyk edýär. Kiçi Garly düýpden muňa garşylykly häsiýetde. Ol aýdymy otlukly, gaty gyzgalaňly aýdýar, şeýle aýdymlary saýlap aýdýar. Sazyny hem deňine ýöredýär. Aýdymam ýüwrüp barýar, sazam. Owazy hem muňa kybap gelýän inçeden mylaýymdy. Oraz Salyr inçeräk belent owazy bilen dünýewi aýdymlara köp üns berýän ekeni, onuň setir arasyny, bent arasyny sepleýşiniň ussatlygy gaýtalanmajakdy. Onuň aýdymlarynda saz ikinji hatarda durýardy. Nobat bagşy owazyndaky durnuklylygy, sözleri örän saýhally aýdyşy, sesi peýdalanmakdaky artykmaçlygy, owazyndaky ýeňiljek gam bilen bendi edýärdi. Ýokarda aýdylanlar o bagşylaryň aýdymlaryny diňläňde ilkinji ýüze çykýan pikirler. Olaryň döredijiliginiň hersine mynasyp sypatlaryny çuň, doly ýüze çykarjak bolsaň, ýassyk ýaly kitap ýazmak derkar.

Onsoň şu bagşylaryň mekdeplerinde bişen şägirtler bu ýoly baglapdyrlar. Näçe ýyllar bäri öňe çykýan bagşylar aýlanyp-öwrülip şolaryň basan yzlaryndan basýardylar ýa-da şol yzy dowam etdirýärdiler. Salyr-saryk ýolunyň her ädimi eýelimikä öýderdik weli, bu beýle däl ekeni. Gurt Ýakup gyssanman-howlukman, çekinmän, ner kimin zähmet çekip, öňkileriň täsirlini ýeňip geçip, öz aýdym-saz ymaratyny bina etdi. Bu iňňe bilen guýy gazança bardy ahyry.

Gurt Ýakup aglaba tirme aýdymlar aýdylýan salyr-saryk ýoluna kyssaçylygyň özboluşly şahasyny ornaşdyrdy. Bu kyssaçylyk Pälwan bagşynyň, Magtymguly Garlynyň kyssalaryna meňzemeýärdi. Gurt Ýakup öz halypalaryna-da meňzemedi. Olardan alan sapaklaryny başga ugra gönükdirdi. Şeýlelikde, türkmen aýdym-sazynyň täze kuwwatyny, täze mümkinçiligini açdy, ony bir gez ýokary göterdi. Türkmen klassyky edebiýatynyň köplenç, az bogunly, az setirli goşgulary, özem üç-dört bentden artyk bolmadyklary aýdylardy. Gurt Ýakup bolsa aruz ölçegli, çylşyrymly eserleri hem heňe goşdy oturyberdi. Hut şondan soň beýik Magtymgulynyň ähli goşgusyny aýdyma öwürmek mümkin

boldy. Ýöne «Men şeýle täzelik tapdym. Men şunça täze heň ulandym» diýip Gurt bagşy ýekeje gezegem magtanan däldir. Onuň tebigatynda, topragynda beýle häsiýet ýokdy. Bir bähbitli iş etdigi, ony unutmak bilen bolýardy. «Ile berseň, özüňkidir. Gizläp goýsaň, ýiter gider».

Şonuň ýaly-da ol dirikä ýekeje jurnalist, ýekeje ýazyjy, ýeke bagşy Gurt Ýakubyň döredeijiligi hakda bir gezek hem mertebeli söz aýdyp bilmediler, onuň gamly göwnüni göterip bilmediler. Dogrymy aýtsam, meniň özüm hem şu kitapçany bagşy dirikä ýazyp bilerdim ahyry. Şu adamlaryň agzybir däldigi, bir-birege degerli sarpa goýup bilmeýädigi býurokratlara uly ýol açdy. Onsoň Gurt Ýakuby goldamak beýle-de dursun, gaýta onuň radio ýazdyrylan sanlyja aýdymyny hem wagtal-wagtal gadagan etdiler. Onuň sesini tussag etdiler. Şeýle ahwaldaka medeni jemgyýetçilik onuň arkasyny tutup bilmedi, oňa derkar medet berip bilmedi, sebäbi o medeni jemgyýetçiligiň özüne entek-entek medeniýet öwrenmek zerurdy. «Gurt Ýakubyň arkasyny tutsam, meni ýolbaşçylar halaman başlar, maňa pylan baýragy bermez. Men o hojaýyndan howly dilejek, «Wolga» maşyn dilejek, o nesibeden kesiläýmäýin diýen namartja pikiriň örüsi giň boldy. Şeýle pikirdäkileriň köpüsi gijeden-gije ürç edip Gurt Ýakuby diňleýärdiler, dünýäni unudyp diňleýärdiler. Gün doganda bolsa Gurt Ýakupdan gaçýardylar. «Birden garasy ýokaýmawersin» diýip, onuň gelýän ýolundan sowulýardylar. Kesel gorkusy bilen, garahassalyga ýolugana derman-däri bermeýänler ýaly.

Örän duýgur Gurt bagşy biçäre bu zatlary şobada düýýärdy. Duýanda nätsin?! Bagryny eredäýmese, özi aglap, özi diňmese, ony köşeşdirjek ýokdy. Birem Gurt bagşy özüne özi basalyk bermäge, öz göwnüni özi aldamaga ökde bagşydy.

Onuň halypalarynyň biri Rozy bagşy bilen başdan geçiren wakalary hakda gyzykly gürrüňler kän. O söhbetleriň birini size ýetireýin.

Rozy bagşy hem gadymy dessan-rowaýatlary ýürekden söýýän bagşy ekeni. Ol Gurt Ýakup köne kitap tapdygy onuňka gatnap, ir ertirden giç agşama çenli bile kitap okaşar eken. Ýöne okasa-da dini kitap bolansoň gorkusy kän eken. Umuman hem Rozy

bagşynyň gorkagraklygyny Gurt Ýakup öňden aňyp, ony synamakçy bolupdyr. Deň-duşlaryň birine: «Ertir Rozy akga kitap okaşmaga geler weli, senem yz ýayndan gel-de berk gepleşip başla. Men organ işgäri Pylany Pylanyýewiç diýen bolup, jübiňden bir kagyz çykaryp görkezen bol» diýip, aýtmaly sözlerini, etmeli hereketlerini jikme-jik öwredipdir.

Ertiri Rozy bagşy köne galoşynyň apgyrdyna basyp, ýene Gurt Ýakubyňka gelipdir. Gurt bagşy hem ýorganyň arasynda gizläp goýan köne dessanyny çykaryp, oňa uzadypdyr. Rozy bagşy dessana ýürekden berlip, dünýäni unudyp, heňli okap otyrka, dilleşilen kişi gapyny zarp bilen açyp, öýe kürsäp urupdyr.

– Milisýanyň kapitany Myrat Myradowiç – diýip, ýigit şahadatnama meňzeşje gaty kagyzy jübüsinden çykaryp ýene salypdyr. Rozy bagşynyň depesine buz gaçan ýaly, birbada doňup galypdyr. Soň rejäniň oň däldigini güman edip, milisionerden gözüni aýyrman, golundaky kitaby Gurt bagşa tarap emaý bilen süýşüripdir. Gurt bagşy hem yzyna süýşüripdir.

– Ikiňizem ýeriňizden butnamaň! Ýaşuly senem kitabyňy öz ýanyňda sakla! – diýip, «milisioner» Rozy bagşa gaty sözläpdir.

– Kitap meňki däl, jan oglum.

– Meňkem däl – diýip, Gurt bagşy hem bada-bat söz gaýtargy beripdir.

– Meni aldajak bolmaň! Eger etmişiňizi mertlik bilen boýna alsaňyz, jezaňyz ýeňlär – diýip, «milisioner» ýene Rozy bagşa bakypdyr.

– Wah, sadagaň bolaýyn, kitap öý eýesiniňki. Men bu kişini birinji ýola görüp durşum. Bu öýe azaşyp düşdüm. Al, ho-ow, bi näletli kitabyňy! – diýip, Rozy bagşy kitaby ýene Gurt Ýakuba baka süýşüripdir, Gurt Ýakubam: «Öz getiren kitabyňy özüň äkideweri» diýip, yzyna süýşüripdir.

– Görýän weli, iş ula gitjeg-ow. Ýaşuly adyňyzy aýdyň! – diýip, «milisioner» kagyz-galamyny häzirläpdir.

– Bizde at näme işlesin?! Atly adam gözleýän bolsaň, Sahy bilen Ödenyýazy tap – diýip, Rozy bagşy başga jogap beripdir. Özüniňem elleri, eňekleri aldygyna titräp başlapdyr. Ol usulja turup, gapa ýönelenden «milisioner» ony saklapdyr.

– Dur, du-ur, ýaşuly. Biziň elimize düşeňsoň, aňsat-aňsat sypmarsyň. Häzir öz maşynymyza mündürip milisiýa äkideris.
Rozy bagşy özüni lampa ýere goýberäýipdir. «Häk, milisgäniň pogonlysyndan pogonsyzy berk diýilýäni çyn eken-ow» diýip oýlanyp, gama batypdyr, sypmaga çykalga gözläpdir.
– Seň özüň bir akylly ýigit. Meni süýräp näme etjek?! Bes-dä, biri gitse. Ynha, äkit şu kişini. Bi milisgeler bilen gepleşmäni oňarýa. Men bir agyz gepläp bilmesem nädeýin?! Menden bir söz alýançaňyz gulluk möhletiňiz tamam bor – diýip, Rozy bagşy elenipdir.
Gurt bagşy hem-de milisioner bolan kişi ony mundan beter kösemäge dözmändirler.
– Bä-äý, nädäýdiň-äý, Rozy akga! Biz-ä oýun etdik weli… – diýip, Gurt Ýakup ýylgyrypdyr. Jany aram tapan Rozy bagşy hem derrew nagt jogap tapypdyr:
– Wah, menem oýun etdim-dä.

* * *

Gurt Ýakup halys egninden basyp-çökerip barýan dünýäni oýun bilen ýeňjek bolupdyr. Bu dünýäniň zady diýip ýüwürmändir. Şol öňki kanagatlylyk, şol öňki kiçigöwünlilik onuň ömürlik hemrasydy. Türkmenistan radiosynyň sazly gepleşikler redaksiýasynyň işgäri Allaberdi Durdyýew Gurt bagşy bilen duşuşyklary, onuň «Hatam Taý» dessanyny, birnäçe aýdymlaryny ýazyp alyşlary hakda ýatlap, şeýle diýdi: «Gurt Ýakup ähli bagşyny özünden belentde goýýardy. Hiç kime göwnüýetmezçilik etmezdi. Aýdym-saz babatda hiç-hiç bilimlisiremezdi. Men bu ömrümde gaty kän bagşy-sazanda bilen işleşmeli boldum, olaryň arasynda Gurt Ýakup ýaly şeýle sypaýy kişä seýrek duşdum. Ýöne, näme «Gurt Ýakubyň aýdymlaryny radioda bermeli däl» diýip, wagtal-wagtal berlen buýruklar biziňem elimizi sowatdy weli, esasan bagşyny badykeş etdi-dä». Belli saz öwreniji Akmuhammet Aşyrow telewideniýede bolan bir wakany ýatlaýar:
«O döwürler men telewideniýäniň sazly gepleşikler redaksiýasynyň mudiridim. Gurt Ýakubyň «Gülpam» dessanyny ýazyp aldyk. Efire gitmeli bolanda rugsat bermediler. Nämemiş,

bir ýerinde dini söz barmyş. Ýazgyny pozmaly diýen buýruk berdiler. Menem pozuldy diýip jogap berdim-de, kassetany gizläp goýdum. Soň-soň zamanalar üýtgäp başlanda, «Gülpam» dessany halka gowuşdy».
Bu wakalar onuň şeýle giň, şeýle çuň döredijiliginiň müňden biriniň hem radionyň, telewideniýäniň hazynasyna düşürilmänligine şaýatlyk edýär. Saý-sebäp bilen düşenlerinde-de ol aýdymlar märekede aýdylança ýok. Bagşyny belli bir çäge salmak, onuň erkana inip-çykyşlaryny haýallatmak, zaryn hümmüldilerini azaltmak meýilleri duýulýar. Şol aýdymlary Gurt bagşynyň il içinde aýdyşyny bir synlaň: sazy alawlap, owazyndan ýüz müň paýhas köräp durandyr. Sebäbi bu bagşy her aýdym aýdanda bir ýaş ýigdelip, bir ýaş garrap, ýüregini orta goýup aýdýardy.
Gurt bagşynyň ýanynda Rozy bagşy, respublikanyň at gazanan artisti Ýazgeldi Kuwwat, Hezret Çary, Gurbanmyrat Gadam dagy uzak ýyllar saz çaldylar. Gurt bagşynyň çalan sazlary hakda-da bir kitaplyk gürrüň edip boljak. Biz şu taýda onuň saz çalşynyň käbir aýratynlyklaryny aýdyp oňmakçy. Ol gyzgalaňly çalmagy halaýardy, aralygynda örän şirin süýkdürýärdi. Ana, şonda diňleýji bal ýalan ýaly bolýar. Duýdansyz inip gitmek, garaşylmaýan pursatda çykmak Gurt sazandanyň edähedidi. Bir tarda çalmak, perdede çalmak, bir barmak bilen çalmak ýaly dürli oýunlary hem bardy. Onuň dutarynyň ses berişi üýtgeşikdi, gulagyň şo dutaryň owazyna öwrenişensoň, sen ony hiç unudyp bilmersiň, nirede çalynsa derrew taparsyň. Gurt bagşy saz çalmaga aýratyn üns bermeýän ýalydy, emma onuň sazy sünnäleýşi diýip-aýdar ýaly däldi. Çyny bilen çalanda eli gapaga degjek gumany ýokdur, ýogsa gapak bilen tarlaryň arasy gaýmagyň galyňlygy ýaly ahyry. O sazlaryň biri hem radioda eşitdirilmeýär.
Gurt bagşy aýdym aýdanda-da sazyny deň ýörederdi. Ozaly, saz bilen seniň niçe damarlaryňa aralaşar, şony yzarlap hem ýürek damaryňa ýeter. Onsoň saz neneň çalynsa, damarlar şoňa kybapdaş tirpildär durar. O seniň ýürejigiňe-de kakyp goýbär weli, gözleriňde ýaş döreýänini duýman galarsyň. Garaz, owaz çykarmakda, duýgy oýarmakda Gurt Ýakubyň elinde saýran dutarda

arman galan däldir. Eliň ýagy, gara der siňe-siňe goňras görünýän dutar seýrek, gaty seýrek bagta miýesser boldy. Şeýle belent takdyrly dutary ýasanyň Aşyr ussadygyny hem ýatlap geçeliň.
Gurt Ýakup aýdymlary aýlap-öwrüp dürli görnüşde aýdardy. Şol bir aýdymy on hili heňe salyp, haýsy heňde gulaga şirin, näzik eşdilýänini yzarlardy. Onuň Magtymgulynyň sözlerine «Janana gözüm düşdi» diýen aýdymyny ýaňadan diňläp görüň. Girişde sazyň neneňsi sünnä bilen, neneňsi hümmetli çalnyşyny, oňa hut bagşynyň özüniň dür dänelerini goşuşyny bilýänsiňiz. Bagşynyň owazynyň neneňsi sypaýylyk, göwünjeňlik bilen başlanyşyny diýseňiz-le!

Şükür alhamdulylla, janana gözüm düşdi,
Meýhanada meý içdim, mestana gözüm düşdi…

Eger siz behişte düşen ýaly bolasyňyz gelse, «Janana gözüm düşdi» diýen aýdymy ýalňyz otyrkaňyz bir diňläp görüň. Perişdeler, ýagşyzadalar başyňyzy sypap başlabermegi gaty mümkindir.
Bagşynyň «Dönmezmi?» diýen aýdymyny ýatlalyň. Bir salym dymsaňyz, bir ýerlerden Gurt bagşynyň hesretli owazy gulaga gelip başlar.

Pelek, seniň bu gerdişli gerdanyň
Biziň sary öwrülmezmi, dönmezmi?
Bagryn ýere berdiň niçe merdanyň,
Ýykan basyp durup, gaýdyp galmazmy?

Bu aýdym sizi oýlanmaga mejbur eder. Giň dünýäde ynsanyň orny nirede? Näme sebäpden adam başy ölümli edilipdir? Öljegini unudyp, bir-biregi aldamak nämä gerek? Ýalançy dünýäniň aldany ýeterlik dälmi? Bir ömrüňe on ömürlik zat ýygnap, nirä äkitjek diýsene?! Ol aýdym Siziň alnyňyzda ýene ýüz sowaly dikeldip goýar. Gurt Ýakuby diňläberseňiz, has üýtgeşik duýgulara berlersiňiz. Özge çeşmelerden içseňiz, ganyp bolýar. Gurt Ýakubyň ruhy çeşmesinden içdigiňçe teşneligiň artýar. Ýene içýäň- teşneligiň has artýar. Muňa teşnelik çeşmesi diýerler.

Onuň aýdymlary, sazlary sizi durmuşa teşne edip taşlar, öz ömrüňe, il ykbalyna haýpyň geler. Dünýädäki ýagşy zatlary has gowy tanap başlarsyň, olary iň soňky gezek görýän ýaly duýgy dörär, erärsiň-ezilersiň, töweregiňizdäki adamlara mähir bilen topularsyň, öýkeli kişiniň öýkesini ýazarsyň, göwnüňdäki daşlary uzaga taşlarsyň. Saňa ynsap ýagar, kanagatyň artar. Şeýdip, türkmen ata-babalarymyza meňzäp başlarsyň. Asylly aslyňa meňzemek ýaly-da bir belent zat bolarmy?!
Gurt Ýakubyň her aýdymyny, her sazyny diňläňde döreýän duýgularyň ählisini kagyza geçirjek bolsaň, kitap baryny ýazmaly bolardy. Üstesine-de o duýgularyň köpüsi şeýle bir ýüregiň çuňunda döreýär weli, ony aňlatmaga ynsan dili-sözi ejiz gelýär.
Gurt bagşy aýdym-saz bilen ýüwürşip, býurokratlar bilen gidişip elli ýaşa ýetenini-de bilmän galdy. Elli ýyl – bu ýarym asyr ahyry.

Ellä ýetdi gamly başym,
Mundan gaýry perýat bolmaz.

diýen beýik Magtymgulynyň sözlerini Gurt bagşy hut özi hakda aýdylan ýaly kabul etdi, «Hany, Gurt Ýakup başyňy egme. Bu dünýäde ýanyp geçenleriň sen ilkinjisi ýa iň soňkusy däl. Berkje dur. Elli ýylda ne iş bitirdiň? Şondan habar ber.
Ömür hakda aglap oturma, ömri beren ony haçan almalydygyny hem biler» diýip,Gurt bagşy ýalňyz otyrka oýa batardy. Ol öz bilýän dessanlaryny, aýdym-rowaýatlaryny az hasaplardy. Ýene öwrenmeli zatlaryny ýatlanda hyrçyny dişleýärdi. Asyl, ol adam kellesini kyrk gulakly toý gazanyndan kiçi görmeýäne çemeli. «Ähli zady ýatdan bilmelidir» diýen düzgüne onuň kellesi ýagşy öwrenişipdi. Şoňa görä elli ýylda göreçler gowşaşyp, synalar ýarsyşan bolsa-da onuň ýatkeşligi, sesi we örän çakgan eli şol öňküligine galdy. Öz bilýäniňi, ähli ylham joşgunyny ýetişibildiginden halka paýlady. Ol hakykatda aýdym-sazyň hatam Taýyna öwrüldi. O babatda şahyr A. Atabaýewiň jaýdar setirleri bar:

Dessan aýdan wagtyň jadygöýdiň sen,

Özge mahal ýönekeý bir adamdyň,
Ähli bilýäniňi ile goýduň sen,
Sahylykda dünýä belli Hatamdyň.

Ýöne şahyram gijä galdy. Bu sözler bagşy dirikä, gara teletinli gapylara çagyrylyp çekelenýän döwründe ýazylanlygynda uly goldaw bolardy. Diňe goja Gurban Wehimi Gurt Ýakup dirikä bir goşgy ýazyp bagşa beripdir.

* * *

Gurt bagşy özi sahy bolup özgeleriňem sahy bolmagyny isleýän ekeni. Şunuň bilen bagly dürli hekaýatlaryň birinde şeýle diýilýär:
Gurt Ýakubyň tüçjar ýurist tanşy bar ekeni. Äpet göwreli, gözleri çekgelerinden sallanyşyp duran bu kişi kämahal diňe bagşyny öýüne çagyryp, özge hiç kime «bäri gel» diýmeýän ekeni. Üstesine-de, bir tabak nahar getirip, hasyr-husur etini özi iýýän ekeni. Onsoň Gurt Ýakup, pahyr, gaty çöregi çorba batyryp kümşüldäp oturar eken. Ol öý eýesiniň bu gysyklygyna birki gezek çydam edipdir. Üçünji gezek hälki ýene diňe Gurt bagşa çakylyk ýollapdyr. Gurt bagşam «pylany üýşmeleň edýär» diýip, topy-tolaýy bilen süýşüp barypdyr weli, tüçjaryň tas ýüregi ýarylan ekeni. Ol şondan soň bagşyny görse, gaçyberipdir. Gurt bagşy: «Şoňa ýene bir oýun görkezeýin-le» diýip oýlanypdyr. «Pylany şu günler görenok weli, jany beri sagmyka, ýörüň, şondan habar alyp gaýdalyň» diýip, öňküdenem köp adam bilen tüçjaryň depesinden inipdir.
Gurt Ýakup dirikä legenda, rowaýata öwrüldi, şoňa görä halk içinde onuň ady bilen bagly gyzykly gürrüň gaty kän.

* * *

Biz Gurt Ýakup hakdaky dürli söhbetleri, onuň aýdymlaryny, kyssalaryny diňleýän pursatlarymyz bagşynyň bireýýäm aramyzdan gidenini hem unudýas. Diri adam ýaly kabul edýäs. Bu ahwal onuň halk ruhuna mäkäm siňenliginiň alamaty. Bu ruhuň diriligi ahyry.

Ol hiç mahal ilden artyk geýinmeýärdi, iliň iýýäninden üýtgeşik tagamlar iýjek bolmaýardy, ümzügi pukaralara tarapdy. Şo tarapdanam ony halk öz adamsy hasaplaýar. Gurt Ýakubyň aýdym-sazly durmuşyny hasap etmänimizde, onuň ömürhaly hem adaty adamlaryňka çalymdaş. Ýolöten raýonynyň Atçapar adyndaky kolhozynda, Murgap derýasyna ýakyn bir oraçada 1929-njy ýylyň ýaz günleriniň birinde dünýä inipdir. Kakasyna Ýakup naýçy (Ýakup Şanazar) diýer ekenler. Ejesi Gurbantäç Allamyrat gyzy. O pahyrlaryň ýatan ýeri ýagty bolsun, baran ýeri behişt bolsun!

Ýakup aga soň-soňlar mollaçylyk edipdir.

Onuň üç ogly, üç gyzy bar ekeni. Gurt Ýakup onuň üçünji ogly. Üç ogluň üçüsem oglanlykdan aýdym-saza ürç edip başlapdyr. Gandan geçen zat gaty güýçli bolýa-da. Öwezdurdy Welmämmetden saz çylşyrymlylyklaryny, Ýazguly bagşydan, Rozy bagşydan kyssaçylyk tärlerini hem irginsiz öwrenipdir. Gurt Ýakup kakasyndan, ussa Tahyrdan araby, parsy sowat, dini ylym hem öwrenipdir. 1948-nji ýyldan kolhoza gatnap, daýhançylyk edip başlaýar. On ýyllap türkmen pilinden çörek iýýär. Soňra raýon medeniýet öýünde, kitaphanada işleýär. 1962-nji ýylda halk teatryna ýolbaşçylyk edýär. Ýetmişinji ýyllarda, esrik ner deý kükräp aýdym aýdýan ýyllary başyna gara bulut süýşüp ugraýar. Ol-bi edaralara çagyryp käýýäp başlaýarlar. Şondan soň olar Gurt bagşynyň ýakasyndan elini aýyrmandyrlar. Bagşynyň bar günäsi – dini aýdymlar aýdýany. Onsoň Gurt Ýakup seresaply hereket etmeli boldy. Emma içgi joşgun bent tutýamy?! Aýdyma gyzyşanda ol «dini ekeni» diýip aýtman goýmady. Köplenç, çölde-kölde ýa-da azajyk adama aýdym aýdanyny kem görmedi. Aýratynam, çopan goşlarynda Gurt Ýakup gül kibi açylýardy. Arassa howa, arassa meýdan, arassa adamlar. O taýda seni satjaklar ýok. Ýolötenli dutar ussasy Mälik aga şol ýyllary ýatlap şeýle diýdi: «Gurtjan bilen çölde köp tirkeşdik. Onuň baran guýusy toýdy. Bürgüt baý diýibem gazak aksakgaly bardy. Gurt bagşy çöle bardygy goýnuny-geçisini taşlap, onuň dessanlaryndan ganabilmän, Gurtjanyň yzyna düşüp, guýyma-guýy aýlanar ýörerdi. Ony özbek, garagalpagam diňländir. Şo respublikalarada kän çagyrýardylar. Oraz Bagybek pahyr: «Ýagşy

bolmasaň, bagşy bolmarsyň» diýerdi. Gurtjan şolaryň ikisem boldy».
Onsoň şo döwürler, ur diýilse, öldürmäge taýýar döwürde Gurt bagşyny garagulçylyk edäýmese, başga işden dürli bahanajyklar tapyp çetleşdirdiler. Munda ho-ol öňküje býurokratjygymyzyňam eli bardy. Ýöne bagşa garagulçylykda-da rahatlyk ýokdy. Gijelerine garagul duranda, uly il ukudaka, it-guşlar gaflata ýatanda Gurt bagşy ýalňyzlyga çykabilmän, golundaky omurmany dutar edinip hiňlener eken. Eger şonda-da dini sözler bar bolsa, köpgulaklylar eşider öýdüp howatyrlanypdyr. Ol bu ahwallary hiç kime, hatda aýaly Aksoltan daýza hem hiç-hiç aýtmandyr. Diňe özi ýaly kösenip ýören biri bilen dert döküşer eken. Şol söhbetleriň birinde ol gyzykly bir wakany hem aýdypdyr: Gurt Ýakuby ýene beletje jaýyna çagyryp, «Düýn nirede dini aýdym aýtdyň?» diýip hemleli sorapdyrlar. Gurt Ýakup: «Şu gezek boýna almaýyn, nädýäkäler?» diýip oýlanypdyr-da: «Aýdym aýtmasam, näme?!» diýipdir. Garşyda oturan bir düwmäni gaharly basypdyr weli, bagşynyň owazy jaýy ýaňlandyryp durmuş.

Ýa Alla, ýa Hudaý, ýa Nebi…

Düýnküje aýdylan aýdymlar. Gaty dury ýazylypdyr. «Bä-äý, radio ýazanoklar diýip ýördük weli, ýazylýan ýeri bar ekeni. Gaty gowy ýazypsyňyz. Inijigim, şuny pozdurmaweri» diýip, göwni aýdyma berlen Gurt bagşy nirede oturanyny hem unudypdyr.
Bagşy hernäçe içine salyp gezse-de, ynsan ruhuny bogmaklyk bedene uly zarba urup başlapdyr. Eýýäm 1981-nji ýylda Gurt bagşynyň bagryndan ýylan dişläp başlady. Çaga ýaly göwün ähli zady ýagşylyga ýorup, asmandan geçip barýan bulutlardanam haraý gözledi. Keselhanada ýatan günleri bagyr awusyna döz gelip, uzak gijäni ýassyk dişläp geçirse-de, gündiz bir çaga aglasa, şony dindirjek bolup uly oýunlar görkezer eken, gözlerini çöwrüp, ýumrugyny dodagyna ýetirip güýdük owazyny çykarar eken.
Gurt Ýakubyň keselhanadaky ýagdaýy hakda onuň şägirtleriniň biri, bagşy Gurbanmyrat Gadam ogly ýatlaýar: «Biz-ä ýüregimiz

awap, Gurt akga göwünlik bermäge barýas weli, gaýta, ol bize göwünlik berýädi. Halypasy Rozy bagşyny jaýlanymyzda Gurt akga: «Wah, bu ýöne bir jeset däl, bir halta lagly-jowahyr, türkmeniň hazynasy ýer astyna gitmeli boldy-da» diýip ahmyr-arman çekipdi. Bu sözleriň, köp ýyl geçmänkä, öz jesedi topraga duwlananda-da aýdyljagyny gumanam etmedik».

Gurt Ýakubyň 1983-nji ýylda bir oturylyşykda aýdan sözi welilerçe dogry çykdy. «Öz-ä, durmuş bu durşuna uzaga gitmez. Aňyrsy iki-üç ýyldyr» diýipdi.

Onuň uly arzuwy bardy. «Aç-açanlyk bolsa, islän aýdymymyňy aýdyp bolsa. Türkmeniň ähli bagşy-sazandasyny üýşürip üç gije-gündiz toý bersem. Mekgäni görsem, ylahy owazy eşitsem» diýerdi.

Emma ýyl geçdikçe, bagşy çökmese dikelmändir, şonda-da täze aýdymlar-sazlar öwrenjek bolup, şägirtlerine öwretjek bolup ýer-ýesir bolupdyr. Ol özüniň her bir aýdym-sazy öwrenmek üçin görýän hunabalaryny, çekýän zähmetlerini şägirtleriniňem gaýtalamagyny isleýärdi, şol kyn ýoly ýeňmegi öwredýärdi. Özüniň dört oglunyň iki gyzynyň hiç biriniň, bagşyçylyga ýüz urmaýşyna kemsinmänem duranokdy. Ahyry, Çary atly ogly dutara gol berende, bagşynyň begenji ýürege sygmady. «Oglum! Bagşy bolasyň gelse, şu pentlerimi diňle: aýdymlar üç mertebelidir. Biri ýürekden aýdylýan, ikinji bokurdakda, üçinji owurtda aýdylýan aýdymlardyr. Aýtsaň ýürekden aýtgyn, boldum diýip, eklenjiňi bagşylygyň üstüne ataýmagyn».

Gurt Ýakup geljekki bagşy ogluna-da guwanýardy, ýöne onuň baş ýardamçysy, aýaly Aksoltan daýza boldy. Onuňam ýatkeşligi, dilewarlygy bu görlüp ýörlen adamlaryňkydan üýtgeşik. Bu, näme, iki ýatkeşiň tötänden birleşmesimi ýa-da olar ýatkeşlik bagtyny paýlaşdymykalar? Alla bilsin! Bu zenanyň öz fantaziýasy, öz toslap tapyş ugry bar. Arapdan, parsdan habarly. Atasy uly ahun ekeni. Şoňa görä Gurt bagşydan «Halypaň kim?» diýip soralanda kämahal «Halypam Aksoltan» diýip degşer eken. O degişmede hakykat däneleri ýyldyrdap görünýär.

«Menem kyssa aýdyp başlaýyn» diýip kähalat ýüregim atygsap başlaýar. Ýöne, näme, «Gurt bagşy öldi weli, aýaly yzynda dessan aýdyp ýör» diýip geň görerler öýdýän, il gepinden

çekinýän. Ynha, şu ýedi ýaşlyja agtyklarymam aýdym, kyssa aýdyp bilýäler, şoňa şükür edýän» diýip, Aksoltan daýza her taýynda oturan agtygynyň başyny sypaýar.
Aksoltan daýza Gurt bagşynyň derdini deň çekişdi. Ony iň soňky deme çenli ynjytman saklady. Gurt bagşy, elbetde, öz gününiň sanalgydygyny duýandyr-da, bir gün: «Aksoltan! Mende arman galan däldir. Ömrümi aýdym-saz bile ötürdim. Ölýänime gynanamok, ýöne öz bilýänimi özüm bile äkitmeli bolanyma gynanýan» diýipdir.
1985-nji ýylyň 9-njy mart güni, gijara Marydan Ýolötene getirilýän Gurt bagşy Talhatanbabanyň deňlerinde gözüni ýumdy. Ol onuň iň soňky göz ýumuşy ekeni. Gatan gabaklar onuň gözlerine bu dünýäni gaýtadan görkezmediler. 11-nji martda Talhatanbaba gonamçylygynda beýik bagşyny, per düşege dözülmejek bagşyny gara ýere tabşyrdylar. Şonda onuň birmahal öz halypasy Rozy bagşy jaýlananda aýdan sözüni TSSR-iň halk bagşysy Han Aky göz owasyny ýaşdan dolduryp, onuň özüne aýtmaly boldy: «Eziz adamlar! Biz bir jesedi däl, türkmeniň lagly-jowahyryny jaýlamaly bolduk».
Türkmeniň taryhynda bagşy jaýlanyp, beýle märeke üýşen däldir. Şonuň özi hem Gurt bagşynyň hakyky halk bagşysydygynyň tassyklanmasydy. Emma metbugat, radio, telewideniýe beýik bagşynyň dünýäden ötenini ile habar bermän, agzybirlik bilen dymdylar.
Umuman, türkmen bagşysy ýaly eýesiz, garawsyz, ýardamsyz, özi ösüp, ýetişip, miwe berip, sessiz-üýnsüz ötüp gidýänler özge ülkelerde az bolsa gerek. Meger, şu mahalam Türkmenistanyň bir burçunda özüne üns berilmeýäni üçin zehinini tütedip oturan bagşy sanardan kändir. Şolary tapyp, ýardam bermäge gaýratymyz çatarmyka?
Gurt Ýakubyň bagşy bolmadyk ýagdaýyny göz öňüne getirip bilersiňizmi?
Ruhy gahatçylykdan ýaňa halys surnugan halaýyga Gurt Ýakup dem bermedik bolsa, umyt, kanagat, sabyr bermedik bolsa neneň bolardyka? Muny men-ä göz öňüne getirip bilýän däldirin. Onuň ala-böle 1985-nji ýylyň baharynda o dünýä gidiberişinden ýene bir many aňylýar. Hamana, ol «Adamlar! Ahyry aýanlyk döwrüne

ýetdik. Öz diniňi, türkmençiligi päsgelsiz berjaý etmäge hukuga ýetdik. Indi öz başyňyzy özüňiz çararsyňyz. Meniňem kuwwatym tükendi» diýip, ötegiden ýaly bolup dur. Biçäre-e.
Elli dört ýaş dagy adam üçin göz açyp-ýumasy salym. Lukman hekim dört müň dört ýüz ýaşapdyr, dostlary bilen gülüşip oturan her bir pursatyny bir ýaş hasaplapdyr diýýärler. Meniň pikirimçe, lukman atamyz bu ýyllary hakykatda-da ýaşan bolsa gerek. Sebäbi öňler gaty uzak ýaşaýan ekenler. Adamzat bir-biregiň göwnüni ýykyp başlany bäri, ömür kelteldi gitdi oturdy.

* * *

Şu wagtlar salyr-saryk ýolunyň aýdym-sazyny söýýänleriň iň köp dinleýäni Gurt Ýakup. Üstesine-de bu bagşynyň mekdebinde bişişip, ile hezil berip ýören bagşy-sazandalaryň hetdi-hasaby ýok. Gurt Ýakubyň täsirinden çykyp bilmän, oňa öýkünip aýdýanlaram az däl.
Gurt Ýakup aramyzdan gideli bäri, onuň yzyna eýerijiler hasam artdy. Emma biz bu bagşynyň döredijiligini sungaty öwreniş ylmy nukdaý nazaryndan öwrenmäge girişemzok. «Toýdan topukça» diýen ýaly, sungat institutynda Gurt bagşynyň ylham özboluşlylygy, aýratynlyklary hakda ýörite sapaklar geçilip başlansa-da, bagşyçylyk däbiniň öwrenilişine uly goşant goşulardy. Wagt geler, ana, şonda Gurt bagşynyň türkmen sungatyna getiren täzelikleri hakda ýassyk ýaly-ýassyk ýaly kitaplar ýazylar, ylmy adamlar bu ugurdan alymlyk işlerini ýazarlar, bagşynyň ömri hakda tragediýalar sahnada oýnalar, belki bu gaýtlanmajak ömri beýan edýän romanlar dünýä iner. Ýöne bir hakykat şu mahaldan aýan: şu dünýäde Türkmeniň başy dik bolsa, Gurt Ýakup durar.

* * *

Müň dokuz ýüz togsan birinji ýylyň fewral aýynda Aşgabatda Gurt Ýakubyň hatyra gününi geçirişimiz ýadymda. Gündiz iki ýerde bagşynyň hatyrasyna uly sadaka berildi. Agşamlyk bolsa Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynyň

köşk ýaly jaýynda bagşa bagyşlanan uly dabara boldy. Bagşynyň dürli fotosuratlary, aýdymly-sazly kassetalary ile ýaýradyldy. Halk bagşysyna «Türkmenistan SSR-niň at gazanan artisti» diýen ady dakmak hakdaky perman okalyp, Gurt Ýakubyň maşgalasyna şahadatnama gowşuryldy. Bu beýik bagşy Gurt Ýakup ölenden bäri bäş ýyl geçenden soň, «aýanlyk, üýtgedip guramak» sözleriniň tiz gaýtalanyp başlananyna bäş ýyl geçenden soň onuň resmi taýdan ilkinji ýola ykrar edilmesidi.

Mollanepes adyndaky teatr bagşynyň muşdaklaryndan ýaňa hyryndykyn dolup, güwläp durdy. Bagşy ýagşylykda ýatlandy, ömrüniň kyn günleri hakda açyk söhbet boldy, söhbet arasynda Gurt Ýakubyň mekdebinde bişişen bagşylar joşup aýdym aýtdylar. Bu hatyra-hormaty gara ýer astynda duýup bolýan bolsa, Gurt Ýakup, biçäre, biguman garysyna galandyr.

Bu Gurt bagşynyň uly ýeňşi ahyry. Gödekligi-göripligi, bisowatlygy, tekepbirligi, uly kürsülerde oturyp hökmürowanlyk satanlary, aga gara diýmäge, gara ak diýmäge öwrenişenleri, iň ýaman ýeri hem halkyň adyndan sözlemäge utanmaýanlary tozana gardy. Olara bir sözde býurokrat diýýärler. Bu sözi agzamda Gurt Ýakubyň ýoluna böwet goýjak bolan ýaşajyk býurokratyň kimligini Siziň bilesiňiz gelýändigini duýdum. Onuň ady Býurokrat, atasynyň ady Býurokratowiç, familiýasy Býurokratow. Olaryň ählisi bir toprakdan ýasalansoň, ýüz keşbini tanamak kyn. Býurokratow Býurokrat Býurokratowiç indi ýaş däl, gaýta töweregine birtopar ýaş şägirtlerini toplap, Gurt Ýakubyň hatyra agşamynda zalyň ortasynda gaýşarlyp, ýakasynyň goňagyny çalardyp otyr. Bütin halaýyk Gurt bagşy diýip el çarpsa, olam ilden pes çarpanok. Gaýta, «Maňa söz beriň» diýip, yzly-yzyna sahna kagyz ýollaýar. Agşamy alyp baryjy men bolamsoň, oňa söz bererinmi!? Hormatly okyjym, eger B.Býurokratow sözlän bolsa näme diýjegini güman edýäňizmi? Gurt Ýakuba eden ýamanlygy üçin öküner, toba eder öýdýäňizmi? Eger-eger, toba etmez. Ynha, onuň aýtjak sözi: «Ýoldaşlar! Gurt Ýakup beýik bagşydy. Arman, onuň gadryny wagtynda bilmediler. Eger şu günki hormat oňa dirikä goýlan bolsa, Gurt bagşy, pahyr, beýle ir ölmese-de ölmezdi». Görýäňizmi, neneňsi dürs sözler?! Şeýle ýol bilen olar göze çöp atýarlar, öz günälerini näbelli kişiniň boýnuna

ýükleýärler. Älhepus!!!
Elbetde, gelejekde Gurt bagşa beýik heýkel gurular. Oňa bakdygyň meşhur Gurt bagşynyň gadymyýetden gelýän owazy gulagyňda ýaňlanyp başlar.
Ol owazy ýüregiň elenmän diňläp bolarmy?!
Bagt guşy başyňdan uçansoň duýlarmyş diýleni dürs ekeni. Gurt Ýakup bagt guşudy. Uçdy gitdi. Ýene-de ýüzlerçe ýyllardan Gurt Ýakuby ýürekden diňläp, ýadygärligine baş egenler beýik bagşy bilen bir döwürde ýaşandygymyz üçin bizi bagtly saýarlar.

1991-nji ýyl. Aýdym-saz sungaty